# «Hyýallarym deşip barýar gursagmy…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Hyýallarym deşip barýar gursagmy…" «HYÝALLARYM DEŞIP BARÝAR GURSAGMY…»

Hyýallarym deşip barýar gursagmy,
Göwün guşum meñzeş algyr laçyna.
Saña tarap uçup barýan peri deý,
Mymyk şemal müşgün sepýär saçyma.

Saña tarap süýnüp barýan ýyldyz men,
Sil men daglañ depesinden ýaz alan.
Eretmäge alyp barýan mähriñe,
Señ ýürek owazyñ – maña saz bolan.

Saña barýan, serpip gussany biryan,
Goşa ykbal bagty mälim-le eziz.
Saña arzuwlarmy äkidip barýan,
Entek eşdilmedik Älemde heniz.

Zöhre ÖWEZOWA.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 29.03.2002 ý. Goşgular